# Arman / oýlanma

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Arman / oýlanma ARMAN



Indi ýigrimi üç ýyldyr kalbym hiç rahatlyk tapanok. Bary-ýogy göz gyrpym salym berlen mümkinçiligi kejirligim, özdiýenliligim sebäpli elden gidirdim. Soňam giç boldy… juda giç…
Şol gün işe gitmek üçin eýwanda köwşümi geýip durdum. Kakam ardynjyrap ýanyma geldi. Başymy galdyryp: "Näme kaka?" diýýän

äheňde ýüzüne garadym. Kakam: "Çagalarymyň içinde bir sen meň ýüzüme gelen" diýdi. Bu sözleriň iki ýyl öň söýgümiň hatyrasyna, gyz haýasyny beýlä aýyryp, kakama kalbymy bir ýigidiň eýeländigini, şol sebäpli meni guda gelen garyndaşymyza bermezligini sorap, aýdan sözlerim üçin diýlendigine bada düşündim. Şol pursat edil ruhum ikä bölünen ýaly boldy. Birinji ýary:" Kakaň seň durmuşyňdaky iň ýakyn, iň ynamdar,iň mähirli, seni hiç bir sebäpsiz, diňe barlygyň üçin söýýän ýeke-täk adam. Seniň aýdan sözleriňi eşiden islendik ata öz gyzynyň başyna nähili gün saljagy belli däl. Saňa welin kakaň iň bärkisi sesinem gataltmady. Onuň seni biçak gowy görýändigini bilýärsiň. Galyberse-de sen eýýam ol ýigide: "Bagyşla. Kakamyň göwnüni ýykyp biljek däl" diýip, ahyrky çözgüdiňi aýtdyň ahyry.Indi näme sebäpden kejirligiňe tutup, dymyp dursuň? Kakaň her näçe sowukganly görünmek islese-de, onuň çagalaryna bolan söýgüden doly ýüreginiň ýukadygyny,näzikdigini bilýärsiň. Şol ýüregi ynjydanyňy-da bilýärsiň. Göwün berip, söýen ýaryňdan aýyrylmagyň kalba berýän yzasyny, bu duýgyny başyndan geçirenler bilýär.Emma mähriban kakaňy ynjydanyňy duýmaklygyň, söýginiň çekdirýän jepasyndan has agyr gelýändigini seniň özüň bilýärsiň. Hyýalyňda näçeler ötünç soradyň.Şu wagt tüýs wagty, ýeňlet ýüküňi! Saklama duýgularyňy!" diýýärdi. Beýleki ýary:"Näme üçin sen ötünç soramaly? Söýgüden jyda düşen ýüregiň çekdiren jebirlerini bir özüň bilýärsiň. Näme üçin hiç kim seniň duýgularyň barada oýlanmadylar? Näme üçin özleriniňkini birjik hem ýalňyş hasap etmediler? Bu seň durmuşyň-a. Onsoň näme üçin sen ötünç soramaly?" diýip dilimi baglady durdy.

Bu pikirler göz gyrpym salymda kellämde aýlandy.Kakam jogabyma garaşman:"Aý bolýarla…" diýdi-de öz otagyna girip gitdi.

Men iş otagyma girip, penjireleri açyşdyryp, iş kagyzlaryny öňüme alanymam şoldy. Yzymdan şum habar geldi. Kakam dünýäden gaýdypdyr. Dünýäm düňderilen ýaly boldy. Ýap-ýaňyja bolup geçen pursat, telim sapar göz öňümden geçdi. Agyr,agyr ýuwdundym. Her ýuwdynanymda şar şekilli howa düwünleri içime gidýärdi. Bu düwünler indi hiç wagt düzedip bolmajak, gaýgy-gam, gynanç, puşman,alaçsyzlyk bilen bilelikde gelýän armandy. Indi ýer bagyrtlap, çabalanyp, urnup aglanyňdan peýda ýokdugyna oňat düşünýärdim. Alladan dilesem derdim ýeňlär diýen umyt bilen dileg etmek isledim. Başarmadym. Nä ýüzüme diläýin.Pursat berdi. Gidirdim."Bendäm bilen öz aramdaky

närazylygy geçerin, emma bendäm bilen bendämiň arasyndaky närazylygy bagyşlamaryn" diýermişin. Özüm razylaşmalydym…
"Aý bolýar-la" sözüň manysyna düşünip bilmän ýörenime indi ýigrimi üç ýyl. Agyr ýük… juda agyr… juda giç… indi ömrüm ötünçä götermeli…
Ogulaman JUMAGYLYJOWA. Oýlanmalar